#168 (190)
среда, 13 марта 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



2024-nji ýylyň 7-nji martynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň ileri tutulýan meselelerine garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa çykyş edip, milli hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Mejlisde döredilen iş toparlary tarapyndan ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleri bilen bilelikde "Energiýany tygşytlamak we energiýadan netijeli peýdalanmak hakynda", "Gidrometeorologiýa işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunlarynyň hem-de Maşgala we Raýat iş ýörediş kodekslerine, "Ýer hakynda" Türkmenistanyň Bitewi kanunyna, "Weterinariýa işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek hakynda kanun taslamalaryny taýýarlamak, şeýle hem hormatly Prezidentimiziň halkara başlangyçlaryny kanunçylyk taýdan goldamak boýunça işler dowam etdirilýär.

Abraýly halkara düzümler we daşary ýurtlaryň parlamentleri bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda durmuşa geçirilýän anyk çäreler barada hem aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, ÝHHG-niň Baş sekretary bilen geçirilen duşuşyk hakynda habar berildi. Duşuşygyň barşynda parlamentara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek hem-de kanun çykaryjylyk ulgamynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen birlikde, Mejlisiň deputatlary ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkeziniň we BMG-niň Azyk we oba hojalygy boýunça guramasynyň Aziýa ýurtlary üçin sebit merkeziniň ýurdumyzyň degişli döwlet edaralary bilen bilelikde guran maslahatlaryna, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlament Birleşiginiň Konferensiýasynyň 18-nji maslahatyna gatnaşdylar.

Şeýle hem deputatlaryň döwletimiziň içeri we daşary syýasatyny, ýurdumyzyň gazanýan üstünliklerini, Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny öwrenmek, giňden wagyz etmek hem-de milli kanunçylygyň manymazmunyny halk köpçüligine düşündirmek boýunça geçirilýän çärelere gatnaşýandygy aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow häzirki döwrüň talaplaryna doly laýyk gelýän täze kanunlaryň taslamalaryny işläp taýýarlamaga aýratyn üns bermegiň, bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow milli ykdysadyýetiň okgunly ösdürilmegini üpjün etmek we ilatyň ýokary hilli azyk önümleri bilen üpjünçiligini gowulandyrmak babatda durmuşa geçirilýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, azyk önümlerini öndürýän paýdarlar jemgyýetlerini dolandyrmagy kämilleşdirmek we olaryň guramaçylyk-hukuk görnüşlerini özgertmek maksady bilen, degişli işler amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleriniň birnäçesini Azyk senagaty döwlet birleşiginiň garamagyna bermek we olaryň binýadynda süýt önümlerini we ýag öndürýän zawodlary döretmek baradaky teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň maliýe-ykdysady ýagdaýyny yzygiderli seljermegiň möhüm wezipe bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, azyk önümlerini öndürýän açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetleriniň işini kämilleşdirmegiň wajypdygyna üns çekildi. Munuň özi Türkmenistanda ýokary hilli azyk önümleriniň öndürilişini has-da artdyrmaga ýardam eder diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow "Türkmennebit" döwlet konserni tarapyndan çuň guýularda barlag işlerini geçirmek hem-de uglewodorod serişdelerini çykarmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Nygtalyşy ýaly, nebitgaz toplumyna degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan nebiti we gazy çykarmak bilen bagly işleri netijeli ýerine ýetirmek babatda zerur çäreler amala aşyrylýar. Hususan-da, "Türkmennebit" döwlet konserni tarapyndan nebit çykarmakda adaty guýulardan tapawutly bolan çuň guýularyň önümli gatlaklaryny barlamak hem-de özleşdirmek işini halkara tejribä laýyklykda alyp barmak zerur bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, guýularyň önümçiligini ýokarlandyrmak we täze çuň guýulary burawlamak üçin nebitgaz ýataklarynda döwrebap ugurdaş enjamlar, tehniki serişdeler bilen üpjün etmek babatda ähli şertler döredilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda nebitiň çykarylýan möçberini artdyrmak üçin «Türkmennebit» döwlet konserniniň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli kämilleşdirip durmagyň wajypdygyny belledi hem-de nebitgazly känlerde çuňlugy 7 müň metrden geçýän guýularda degişli işleri geçirmäge mümkinçilik berjek täze enjamlar we serişdeler bilen üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi wise-premýere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda alnyp barylýan möwsümleýin işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda bugdaýyň bol hasylyny ýetişdirmek arkaly azyk bolçulygyny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri, şol sanda mineral dökünler bilen iýmitlendirmek hem-de ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Şunuň bilen birlikde, gowaça ekişine başlamak boýunça degişli taýýarlyk işleri, ekin meýdanlarynda tekizlemek, geriş we çil çekmek işleri dowam etdirilýär. Oba hojalyk tehnikalary, gurallar möwsüme taýýarlanylýar.

Şeýle hem 16-njy martda ýurdumyzda, şol sanda Aşgabat we Arkadag şäherlerinde ählihalk bag ekmek dabarasyny geçirmäge taýýarlyk görlüşi barada aýdyldy. Ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak üçin goşmaça suw gorlaryny döretmek we suw serişdelerini rejeli ulanmak, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak babatda ähli tagallalar edilýär. Mundan başga-da, suwaryş we şor suw akabalaryny arassalamak boýunça degişli işler dowam edýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, gowaça ekişini agrotehniki möhletlerde geçirmek üçin gowy taýýarlyk görmegiň, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işlerine aýratyn üns bermegiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere welaýatlarda meýilleşdirilen beýleki möwsümleýin oba hojalyk işlerine, şeýle hem ählihalk bag ekmek dabarasyna gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Aşgabatda meýilleşdirilen täze awtomobil köprüsiniň gurluşygy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda paýtagtymyzda hem-de Diýarymyzyň ähli welaýatlarynda dünýäniň ösen tehnologiýalaryny ulanmak arkaly halkara ölçeglere laýyk gelýän ýokary hilli awtomobil ýollaryny we köprüleri gurmak, bar bolanlarynyň durkuny täzelemek boýunça işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat şäheriniň G.Kulyýew köçesi bilen "Täze zaman" ýaşaýyş toplumyna barýan awtomobil ýolunyň kesişýän ýerinde täze awtomobil köprüsini gurmak boýunça halkara bäsleşik geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda halkara ölçeglere laýyk gelýän ýokary hilli awtomobil ýollaryny we köprüleri gurmak hem-de durkuny täzelemek işleriniň ýokary depginde alnyp barylýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Döwlet Baştutanymyz Aşgabat şäherinde täze awtomobil köprüleri gurlanda, döwrebap binagärlik-gurluşyk talaplaryndan ugur alynmalydygyny nygtap, wise-premýere bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 16 ýyllygy mynasybetli sergini we maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiziň 2023-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky Kararyna laýyklykda, meýilleşdirilen çäreleri ýokary derejede guramak maksady bilen, degişli işler alnyp barylýar.

Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 17 — 19-njy marty aralygynda degişli sergini geçirmegiň göz öňünde tutulýandygy aýdyldy. Onda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň dürli ugurlarda iş alyp barýan 230-dan gowrak agzasy öz önümlerini hödürlärler, şu döwürde gazanan üstünliklerini görkezerler. Oňa gabatlanyp geçiriljek maslahatda telekeçileriň ýeten sepgitleri we olaryň öňünde durýan täze wezipeler, hususan-da, ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda hem-de "Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda" hususy ulgamy ösdürmek babatda kesgitlenen çäreleri durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşylar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, hususy telekeçiligi mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilen özgertmeleriň netijesinde milli ykdysadyýetde hususy pudagyň tutýan ornunyň barha artýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 16

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ВЕНГРИИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа, Правительства Туркменистана и от себя лично направил искренние поздравления г-ну Тамашу Шуйоку в связи с его вступлением в должность Президента Венгрии.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Президенту Тамашу Шуйоку сердечные пожелания крепкого здоровья, воли и энергии, а также больших успехов во всех начинаниях во имя прогресса и процветания народа Венгрии.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления г-ну Асифу Али Зардари в связи с его избранием на пост Президента Исламской Республики Пакистан.

«Рассчитываю на совместную с Вами работу по дальнейшему развитию новых направлений дружественных отношений между Туркменистаном и Исламской Республикой Пакистан», – отмечается в послании.

Пользуясь этой возможностью, глава государства выразил Президенту Асифу Али Зардари сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов в деятельности, а народу Исламской Республики Пакистан – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

ýyllygy mynasybetli meýilleşdirilen serginiň hem-de maslahatyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmelidigini nygtady we wise-premýere bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli geçiriljek baýramçylyk çärelerine görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 21-nji martynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çägindäki "Nowruz ýaýlasynda" Ahal welaýaty hem-de Aşgabat şäheri boýunça Halkara Nowruz güni mynasybetli baýramçylyk dabarasyny geçirmek bilen bagly degişli taýýarlyk işleri alnyp barylýar. Ýörite meýilnama laýyklykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň kitaplary, şeýle hem "Nowruznama" kitaby esasynda taýýarlanylan medeni-köpçülikleýin dabaralary geçirmek göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, bu ýerde özboluşly türkmen obasy döredilip, onda türkmen halkynyň milli däp-dessurlary giňden beýan ediler. Şunuň bilen birlikde, amaly-haşam sungatynyň sergisini, döredijilik toparlarynyň konsertini, milli oýunlary, "Galkynyş" milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlaryny guramak meýilleşdirilýär.

Şeýle hem ýurdumyzyň Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlary, Arkadag şäheri boýunça baýramçylyk dabaralaryny, degişlilikde, welaýat merkezlerindäki "Türkmeniň ak öýi" binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda, Arkadag şäherindäki baýramçylyk meýdançasynda geçirmek göz öňünde tutulýar. Dabaralaryň ählisinde türkmen halkynyň medeni mirasynyň köpöwüşginliligi aýdyň beýanyny tapar.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, 21-nji martda Halkara Nowruz güni mynasybetli baýramçylyk dabarasynyň ýokary derejede geçirilmeginiň wajypdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde Milli bahar baýramy mynasybetli meýilleşdirilýän baýramçylyk dabaralarynyň giňden guralmagyny hem-de ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow «Gadymy Amul galasy: geçmişiň syrlarynyň goragçysy» atly halkara ylmy-amaly maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň goldawy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen özara hyzmatdaşlyk has-da berkidilýär. "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynyň 25-26-njy aprelinde "Beýik Ýüpek ýoly: Zerewşan — Garagum geçelgesiniň" çägindäki Amul galasynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi mynasybetli «Gadymy Amul galasy: geçmişiň syrlarynyň goragçysy» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçiriler. Bu çäre Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň sekretariatynyň hem-de Lebap welaýat häkimliginiň bilelikdäki tagallalary esasynda guralar.

Ilkinji gezek geçirilýän halkara ylmy maslahatyň esasy maksady dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginiň, taryhçylarynyň, arheologlarynyň ünsüni Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen, strategik taýdan ähmiýetli geçelge bolan bu gala çekmek bilen, gazuw-agtaryş we ylmy-barlag işlerini dowam etdirmek arkaly ylmy binýady döretmekden hem-de medeni diplomatiýany ösdürmekden, olary halkara giňişlige giňden ýaýmakdan ybaratdyr. Maslahata ýurdumyzdan, şeýle hem daşary ýurtlardan taryhçylaryň, arheologlaryň, Gündogary öwrenijileriň, ýaş alymlaryň, ÝUNESKO-nyň halkara bilermenleriniň gatnaşmagyna garaşylýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, milli mirasymyzy, taryhy ýadygärliklerimizi aýawly saklamagyň we dünýä ýaýmagyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridigini nygtady. Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Amul galasy hem türkmen topragynyň gadymy medeniýetleriniň mekany bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we wise-premýere «Gadymy Amul galasy: geçmişiň syrlarynyň goragçysy» atly halkara ylmy-amaly maslahaty ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmegi we onuň işine alymlaryň giňden gatnaşmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşi barada hasabat berdi.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy bilen ykdysady, ekologiýa, ynsanperwer we beýleki ulgamlarda gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň esasynda netijeli hyzmatdaşlyk edýändigi bellenildi. Döwletimiziň milli maksatnamalaryny we halkara başlangyçlaryny döwrüň täzeçil talaplaryna laýyk getirmek, BMG-niň ähli düzüm birlikleri bilen durmuşa geçirilýän taslamalaryň

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## AŞGABATDA TÜRKI DÖWLETLERIŇ GURAMASYNYŇ AKSAKGALLAR GEŇEŞINIŇ MEJLISI GEÇIRILDI




**12-nji martda paýtagtymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türki Döwletleriň Guramasynyň (TDG) Aksakgallar geňeşiniň agzasy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisi geçirildi.**

Bilelikde resmi surata düşmek dabarasyndan soňra, Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisi öz işine başlady.

Duşuşygyň başynda Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylary mukaddes Oraza aýynyň başlanmagy bilen gutlap, hemmelere ýagşy arzuwlaryny aýtdy.

Hormatly Arkadagymyz Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisini açyk diýip yglan edip, ilki bilen, Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Binali Ýyldyryma söz berdi. Mejlisiň dowamynda Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary Kubanyçbek Omuraliýew, TDG-niň Aksakgallar geňeşiniň Gazagystan Respublikasyndan agzasy Ikram Adyrbekow, Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň Gyrgyz Respublikasyndan agzasy Medetkan Şerimkulow, TDG-niň Aksakgallar geňeşiniň Özbegistan Respublikasyndan agzasy Sodikžon Turdiýew, TDG-niň Aksakgallar geňeşiniň Wengriýadan agzasy Attila Tilki çykyş etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz ýygnananlara ýüzlenip, Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisinde Türkmenistanyň garaýyşlaryny we tekliplerini beýan etdi.

Soňra Milli Liderimiz Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisini ýapyk diýip yglan etdi.

Mejlisiň jemleri boýunça Beýanat kabul edildi.

* * *

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Binali Ýyldyrym bilen duşuşdy. Duşuşygyň çäklerinde Aksakgallar geňeşiniň mejlisiniň jemleri jemlenildi, guramanyň geljekki işleriniň, şeýle hem iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

11-nji martda paýtagtymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisiniň çäklerinde duşuşyk geçirildi. Ilki bilen, Milli Liderimiz giriş sözi bilen çykyş etdi. Soňra Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň başlygy Binali Ýyldyryma, Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretary Kubanyçbek Omuraliýewe, Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň Gazagystan Respublikasyndan agzasy Ikram Adyrbekowa, Aksakgallar geňeşiniň Gyrgyz Respublikasyndan agzasy Medetkan Şerimkulowa, Aksakgallar geňeşiniň Özbegistan Respublikasyndan agzasy Sodikžon Turdiýewe, Aksakgallar geňeşiniň Wengriýadan agzasy Attila Tilkä söz berildi.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow duşuşygyň ahyrynda hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny we asylly işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisiniň çäklerinde geçirilen duşuşyk tamamlanandan soň, Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň müftüsi, Aşgabat şäheriniň we Ahal welaýatynyň ymamlary bilen duşuşyk geçirdi.

Soňra Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň nobatdaky mejlisine gatnaşmak üçin Aşgabada gelen wekiliýet ýolbaşçylarynyň hem-de myhmanlaryň gatnaşmagynda agzaçar sadakasy berildi.

Hajy Arkadagymyz mukaddes Oraza aýynda agzaçar sadakasyny bermegiň paýhasly pederlerimizden miras galan ýagşy dessurlaryň biri bolup durýandygyny aýdyp, «Goý, mübärek Oraza aýynda agyz bekläp, tutýan orazalaryňyz we edýän ýagşy doga-dilegleriňiz Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!» diýdi. Türkmenistanyň müftüsi tebärek çykyp, türki döwletleriň ählisinde, şol sanda türkmen topragynda parahatçylygyň we asudalygyň höküm sürmegini, halklaryň agzybirligini, ýurtlaryň abadançylygyny, berilýän sadakalaryň kabul bolmagyny Beýik Biribardan dileg edip, aýat-töwir okady. Soňra sadaka gatnaşyjylara nahar çekildi.

Gahryman Arkadagymyz agzaçar sadakasyna gatnaşandyklary üçin hemmelere ýene-de bir gezek sagbolsun aýdyp, bu ýerden ugrady.

* * *

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz türk «TRT Haber» teleýaýlymynyň ýolbaşçysy Ahmet Görmez bilen söhbetdeş bolup, onuň sowallaryna jogap berdi. Söhbetdeşlik «Watan» gazetiniň elektron saýtynda dolulygyna ýerleşdirildi.

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

*(Başlangyjy 2-nji sahypada).*

çäklerindäki hyzmatdaşlygy ulgamlaýyn esasda alyp barmak üçin «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşini döretmek teklip edilýär.

Bu geňeşiň işi degişli wezipeleri çözmäge gönükdiriler. Şolaryň hatarynda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen taslamalary taýýarlamak, seçip almak, tassyklamak bilen bagly işleri utgaşdyrmak we Türkmenistanyň Hökümetine bu babatda teklipleri taýýarlamak wezipesi bar. Şeýle hem guramanyň çäklerinde halkara başlangyçlary öwrenmek, türkmen tarapy üçin maksadalaýyklygyna görä, olara goşulmak we goldamak babatda teklipleri taýýarlamak göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen birlikde, "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan" we ýurdumyzda kabul edilen hereketleriň milli meýilnamalaryndan gelip çykýan wezipeleriň ýerine ýetirilişine syn etmek, olary iş ýüzünde amala aşyrmagyň ýollaryny maslahatlaşmak teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridigini belledi. Şoňa görä-de, ýurdumyzyň bu gurama bilen hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmäge aýratyn üns bermek zerurdyr. Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistan — Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň işiniň wajypdygyny belläp, wise-premýer, daşary işler ministrine bu ugurda degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän ulgamlaryndaky işleriň ýagdaýy, hususanda, "Türkmendemirýollary" agentliginiň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, "Demirýollary" açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti tarapyndan ýolagçy we ýük otlularynyň hereket howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, ýurdumyzyň demir ýollarynda döwrüň talaplaryna laýyklykda yzygiderli düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek üçin zerur çäreleriň görülýändigi aýdyldy.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimizde demir ýol ulaglary pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny yzygiderli pugtalandyrmaga möhüm ähmiýet berilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz ýolagçy we ýük otlularynyň hereket howpsuzlygyny üpjün etmek üçin demir ýollarda düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek boýunça degişli işleri alyp barmagyň wajypdygyny nygtap, bu babatda agentligiň ýolbaşçysyna anyk tabşyryklary berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ertir Halkara zenanlar güni bolan 8-nji mart baýramynyň dabaraly bellenilip geçiljekdigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, bagtyýar döwrümizde zenanlarymyz ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda amala aşyrýan özgertmelerimiziň durmuşa geçirilmegi ugrunda yhlasly zähmet çekip, ata Watanymyzyň ösüşine öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz mähriban enelerimizi, gelin-gyzlarymyzy Halkara zenanlar güni bilen tüýs ýürekden gutlap, olara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, abadançylyk, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## КОММЮНИКЕ 15-ГО ЗАСЕДАНИЯ СОВЕТА СТАРЕЙШИН ОРГАНИЗАЦИИ ТЮРКСКИХ ГОСУДАРСТВ

11–12 марта 2024 года в г. Ашхабад состоялось 15-е заседание Совета старейшин Организации тюркских государств (ОТГ), в котором приняли участие старейшины стран ОТГ.

Стороны в откровенной, дружественной, конструктивной атмосфере обменялись мнениями по наиболее важным вопросам, представляющим взаимный интерес.

Старейшины заявили о растущей важности укрепления взаимовыгодного сотрудничества в области торговли, экономики, культуры, образования, молодёжной политики и других областях.

Всесторонне рассмотрев ход реализации рекомендаций, выдвинутых по итогам 14-го заседания Совета старейшин ОТГ, стороны отметили важную роль Организации в укреплении политического взаимодоверия и сотрудничества тюркских народов.

Старейшины подчеркнули, что особое значение имеет стратегия возрождения Великого Шёлкового пути с ключевой ролью «Тюркского пояса», оказавшего колоссальное позитивное влияние на развитие человечества.

Стороны отметили необходимость координации усилий тюркских государств в рамках универсальных и региональных организаций. Подтвердили важность повышения роли ОТГ в решении глобальных и региональных вопросов.

При этом было указано, что сотрудничество в рамках Организации способствует сближению тюркских народов на основе богатейшего исторического культурного наследия, многовековых традиций и нравственных устоев.

Особое внимание старейшины уделили дальнейшей популяризации истории тюркского мира посредством развития научного сотрудничества, академических исследований и проведения совместных международных конференций.

Стороны отметили, что укрепление отношений дружбы и взаимопонимания между тюркскими народами, патриотическое воспитание молодёжи в духе духовного наследия является одним из главных приоритетов деятельности Совета старейшин.

Старейшины приветствовали празднование в 2024 году в тюркских государствах 300-летнего юбилея со дня рождения великого мыслителя, поэта и просветителя Махтумкули Фраги, чьи произведения являются достоянием всего тюркского мира и олицетворением благородства, мужества, честности, открытости и гражданской доблести, присущих тюркским народам.

*г. Ашхабад, 11–12 марта 2024 года.*

## МИНИСТРЫ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И АВСТРИИ УКРЕПЛЯЮТ ДВУСТОРОННИЕ СВЯЗИ




***11 марта 2024 года состоялась встреча Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Федеральным министром Европейских и международных дел Австрии Александром Шалленбергом.***

В ходе переговоров стороны обсудили основные направления двустороннего сотрудничества, включая взаимодействие в политико-дипломатической сфере, торгово-экономические связи, энергетику, культурные обмены, а также обменялись мнениями по региональным и глобальным вопросам, представляющим взаимный интерес.

По итогам встречи была подписана Программа сотрудничества между Министерством иностранных дел Туркменистана и Федеральным министерством по европейским и международным делам Австрийской республики на 2024-2025 годы.

В рамках своего визита в город Вену, Министр иностранных дел Туркменистана Р.Мередов также провел встречу с Генеральным секретарем по иностранным делам Австрии Н.Марщиком. Дипломаты приветствовали усилия сторон по развитию двусторонних отношений.

Интернет газета
Международные новости


# ИНФОРМАЦИЯ ДЛЯ СМИ

Одним из основных направлений внешней политики Туркменистана является дальнейшее развитие и укрепление всесторонних отношений с соседними государствами.

Как сообщалось ранее, в период с 4 по 6 марта текущего года представительная делегация Афганистана в главе с и.о. Министра промышленности и торговли Алхаджом Нуриддин Азизи посетила Туркменистан для участия в выставке товаров, произведённых в Афганистане, бизнес – форуме и других мероприятиях, организованных с целью расширения туркмено – афганских торгово-экономических связей.

В ходе пребывания в Туркменистане афганская делегация провела встречу в Министерстве иностранных дел Туркменистана, где был рассмотрен широкий круг вопросов, связанных с реализацией экономических проектов и оказанием широкомасштабной гуманитарной помощи афганскому народу.

Также была затронута тема взаимодействия в водохозяйственной сфере.

В этой связи туркменская сторона отметила, что рациональное использование водных ресурсов в регионе должно осуществляться на основе общепризнанных норм международного права, регламентирующих режим водопользования на трансграничных реках, водотоках и пограничных озёрах.

В частности, внимание афганской делегации было привлечено к следующим вопросам:

Во-первых, необходимости научно-обоснованного и выверенного подхода забора воды из трансграничных рек, в первую очередь, с учетом реальных потребностей в использовании водных ресурсов;

Во-вторых, обеспечению строящихся гидротехнических сооружений на трансграничных реках высококвалифицированными кадрами, способными обеспечивать правильную эксплуатацию таких объектов;

В-третьих, безусловному соблюдению интересов всех государств, расположенных вдоль трансграничных рек, на основе международного права и посредством создания соответствующих механизмов управления водными ресурсами на основе принципов добрососедства, взаимного уважения, равноправия и транспарентности.

Встреча с афганской делегацией прошла в дружественной и конструктивной атмосфере.

*Пресс-служба МИД Туркменистана*
*07.03.2024*

# PRESENTATION OF CREDENTIALS OF THE AMBASSADOR OF TURKMENISTAN TO THE GOVERNOR-GENERAL OF THE COMMONWEALTH OF AUSTRALIA

On 12 March 2024, the ceremony of presenting credentials of the Ambassador of Turkmenistan (with the residence in Tokyo) to Australia A.Bayramov to the Governor-General of the Commonwealth of Australia, the Honourable David Hurley AC DSC (Retd) took place at the Government House in Canberra.

During the conversation, Ambassador A.Bayramov conveyed the words of greetings and best wishes on behalf of Serdar Berdimuhamedov, President of Turkmenistan and Gurbanguly Berdimuhamedov, National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan sent to the Governor General of the Commonwealth of Australia, also confirmed the interest of the Turkmen side in striving to deepen friendly relations between Turkmenistan and Australia in political-diplomatic, trade-economic, cultural and humanitarian spheres.



The Governor General, in response, expressed his deep appreciation for the warm greetings and wishes sent to him. He noted the historical significance of the appointment of the first Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary to Australia in the history of relations between Australia and Turkmenistan.

Addressing in turn, the Governor-General asked to convey his warmest and friendliest greetings to the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov, and to the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov. He also expressed his best wishes to the people of Turkmenistan, emphasizing the importance of cooperation and mutual understanding between the peoples of the two countries.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

## В ПАРИЖЕ ОБСУЖДЕНЫ ВОПРОСЫ РАЗВИТИЯ СОТРУДНИЧЕСТВА МЕЖДУ ТУРКМЕНИСТАНОМ И МЭА

6 марта 2024 года в штаб-квартире Международного энергетического агентства (МЭА) состоялась встреча Посла Туркменистана во Франции Максата Чарыева с Исполнительным директором МЭА Фатихом Биролем.

Основной темой встречи стал вопрос развития сотрудничества между Туркменистаном и МЭА, а также обсуждение участия МЭА в предстоящем Международном форуме по привлечению иностранных инвестиций в энергетический сектор Туркменистана (TEIF 2024), запланированном в Париже на 24-25 апреля 2024 года.

## ВСТРЕЧА С ПРЕДСТАВИТЕЛЯМИ БЛАГОТВОРИТЕЛЬНОЙ ОРГАНИЗАЦИИ «СВЯТЫЕ ПОСЛЕДНИХ ДНЕЙ» В ЖЕНЕВЕ

7 марта 2024 года состоялась встреча Постоянного представителя Туркменистана при Отделении ООН в Женеве В. Хаджиева с представителями аккредитованной при Отделении ООН в Женеве христианской благотворительной организации «Святые последних дней».

В ходе встречи были обсуждены вопросы налаживания двустороннего сотрудничества в целях реализации совместных гуманитарных проектов, ориентированных на оказание помощи наиболее уязвимым слоям населения в различных регионах мира. Представители организации дали высокую оценку проводимой Туркменистаном гуманитарной деятельности в регионе и в мире в целом.

## МОЛОДЕЖНАЯ ДЕЛЕГАЦИЯ ТУРКМЕНИСТАНА УЧАСТВУЕТ В КУЛЬТУРНОЙ ПРОГРАММЕ ИНДИИ

Молодежная делегация Туркменистана находится в Индии для участия в обширной культурной программе, в которой принимают участие около 100 молодых людей из стран Центральной Азии.

Инициатива по организации подобных мероприятий была одобрена в 2022 году на Саммите глав государств Центральной Азии и Индии. Ее основная цель – поддержка и укрепление диалога между молодежью азиатских регионов. Участники культурной программы, которая продлится до 12 марта, знакомятся с культурой, историей и национальными особенностями Индии.

## ПОСОЛ ТУРКМЕНИСТАНА ВСТРЕТИЛСЯ С ГЕНЕРАЛЬНЫМ ДИРЕКТОРОМ ИНСТИТУТА МЕЖДУНАРОДНЫХ ОТНОШЕНИЙ И ДИПЛОМАТИИ МИД МАЛАЙЗИИ

8 марта 2024 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Малайзии М.Машалова с Генеральным директором Института международных отношений и дипломатии (IDFR) МИД Малайзии Дато Сайед Бакри Сайед Абдул Рахманом.

На встрече Посол подчеркнул важность проведения совместных мероприятий в области дальнейшего развития сотрудничества с Институтом международных отношений МИД Туркменистана и Институтом международных отношений и дипломатии МИД Малайзии.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*